# Onlarça ýyllyk zyýan

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Onlarça ýyllyk zyýan ONLARÇA ÝYLLYK ZYÝAN



Bir hepdäniň içinde bolup geçen wakalar sebitimiziň azyndan elli ýylyny janymyzy we malymyzy elimizden alan galp şygarlar astynda ýurtlaryň we halklaryň dokuma gurluşlaryny ýok eden zyýanlardyr görnetin ýalanlar bilen geçirendigini tassyklady.
Wakalar şeýle: birinji bolup 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda bolup geçen teraktlaryň beýnisi Halid Şeýh Muhammet bilen boýun alma ylalaşygy baglaşyldy, yzysüre ABŞ-nhň Goranmak ministri bu ylalaşygy baglaşmakdan ýüz öwürdi. Bu terrorçy Halid Şeýh Muhammet häzir ölümden sypmak isleýär.
Terrorçy Halid Şeýh Muhammet terrorçybaşy Usame bin Ladiniň we Eýmen el-Zewahiriniň kömegi we goldawy bilen ýaşlary oda atdy. Sözde jihat bahanasy bilen ýaşlar sebite ww yslamyň at-abraýyna düýpli zyýan ýetiren terror urşunyň odunda odun deregne ulanyldylar.
Indem ölüm sagady golaýlap geldi welin, terrorçy Halid Şeýh

Muhammet aldawa salan, howpa iteren ýaşlaryny höweslendirişi we öňe sürşi ýaly «mojahet» bolup ölmegiň ýerine, günäsini boýun alyp, ömürlik tussaglygy almak arkaly ölümden gaçmak isledi.
Terrorçy Halid Şeýh Muhammet we beýleki terrorcylar «11-nji sentýabr» teraktlaryny meýilleşdirdiler we maksatnamalaryny «şehitlik mertebesi we jihat» maksatnamasy hökmünde wagyz etdiler. Emma özi «duşmanyň» elinde ölme mümkinçiligini tapan badyna amerikan sudy bilen hyzmatdaşlyk etmäge ölüm jezasyndan gaçmak üçin günäsini boýun alanyny gowy gördi.
Bärdäki sorag şu: eýse «El-Kaidäniň» aldawa salan we ýellendiren günäkärleri näme? Bu ýaşlara has has uzak ýyllar ýaşamaga mümkinçilik berilse, uçar ogurlap, Nýu-Ýorkdaky Bütindünýä Söwda merkezini partlatmaga milt ederlermidi? Öz janyna kast edermidiler?
Aýratynam bärden almaly sapak we ýatlatma şudyr: fetwa berýänler, meýilnamalaşdyryjylar, meçew berijiler we kanunylaşdyryjylar bombalary partladýanlardan müň esse beter howpludyr. Emma gynansak-da, zyýan ýetirildi we häzirem käbirleri pozitiw bolandygymyz üçin bize garşy meçew bermelere gatnaşýan terrorçy Halid Şeýh Muhammet ölümden sypjak bolýar.
Onlarça ýyllap dowam eden ýene bir zyýan bolsa, Gaza urşunyň yzyndan sebitimizde bolup geçen çaknyşyklar şaýat bolan zatlarymyzdyr. Bularyň barsy Netanýahunyň Ysraýylynyňam parahatçylykly döwlet däldigini, Eýranyňam söweşjeň döwlet däldigini, «Hizbullahyňam» gaýtawul bermäge ukyply derekli topar däldigini subut etdi.
Heniýäniň Tähranda öldürilmegi bize Netanýahunyň ýaraşygyň adamy däldigini, Ysraýylyňam göni parahatçylygy ýola goýmaga güýjüniň ýetmeýändigini görkezýär. Olar üçin öldürmek ýaraşyk şertnamasyny baglaşmakdan has aňsat, jenaýaty meýilleşdirmegem ýaraşyk gepleşiklerini geçirmekden has aňsat.
Eýran barada aýdanda bolsa, uruşma-uruşmazlyk deňleşmesini üýtgetmäge milt edip bilmeýändigi, esasy oňarýan zadynyň Ysraýyl bilen garşyma-garşy gelmek däl-de, sabotaž etmekdigi we sebitiň howpsuzlygyny durnuksyzlaşdyrmakdygy belli. Onuň Ysraýyl bilen dikleşäýen ýagdaýynda-da, güýç deňleşmelerinde ýa-da serpikdiriji deňleşmelerde hiç zadyň üýtgemejegi subut edildi.
Edil şolar ýaly ýagdaý Liwany eýeläp we husilere meçew berip biljekdigi, emma Gazäni goramajakdygyny ýa-da 300-e ýakyn

agzasyny we öňdebaryjy adamlaryny öldüren Ysraýylyň merkini berip bilmejekdigi subut edilen «Hizbullah» üçinem şeýle. Hasan Nasralla Ysraýylyň «Hizbullahyň» berip bilnäýjek jogaba garaşmagynyň «jogabyň we jezanyň bir parçasydygyny, çünki uruşyň psihologiki, moral we harby taraplarynyň bardygyny» aýdýar. Mundan beter aldawa salyjy zat bolup bilermi?
Birmeňzeş ýagdaý 7-nji oktýabrdaky hüjümi getirjek netijelerini oýlanyp-ölçermezden guran «Hamas» üçinem şeýle. Sebitimiz uly-uly ýalanlar we manysyz şygarlar zerarly onlarça ýylyny yrýa etdi. Mundan sapak almaly, galp şygarlara we ýalanlara goldanmaýan ýagty geljegimizi gurmak üçin gaýrata galmaly.
Taryk ALHOMAÝED,
Saud Arabystanly žurnalist, «Şarkul-Awsat» gazetiniň öňki baş redaktory.

Çarşenbe, 07.08.2024 ý. Publisistika